**Türkmenistanyň Statistika**
**baradaky döwlet komitetiniň**
**2024-nji ýylyň 28 -nji iýunyndaky**
**№ 44-Ö buýrugy bilen tassyklanyldy**

# № 1 - söwda «Haryt dolanyşygy we haryt galyndylary barada hasabat»(aýlyk) döwlet statistik hasabatlylyk formasyny doldurmak boýunça Gollanmasy

## 1-nji bölüm. Umumy haryt dolanyşygy

**01-nji setirde "Bölek satuw haryt dolanyşygy"** özi sarp etmek üçin ýa-da öý hojalygynda peýdalanmak üçin (şol sanda «Internet» maglumat-kommunikasiýa torunyň kömegi bilen satuwlardan) nagt pula ýa-da banklaryň karz kartlary, hasaplaşyk çekleri, goýumçylaryň hasaplaryndan geçirmeler boýunça, hasap açmazdan fiziki tarapyň tabşyrygy boýunça, töleg kartalary arkaly tölenen harytlaryň satuwyndan gelen serişdeler görkezilýär (bu hem nagt hasaplaşyk ýaly hasaba alynýar).

Ilatyň aýratyn toparyna ýeňillikli satylan (goýberilen) ýa-da durmuş taýdan goramak edaralary tarapyndan doly tölenen harytlaryň gymmaty doly möçberde bölek satuw söwdasyna goşulýar. Ýuridiki taraplara (şol sanda durmuş ýaýrawynyň guramalaryna, ýörite sarp edijilere we ş.m.) we hususy telekeçilere bölek satuw söwda ulgamy boýunça goýberilen harytlaryň gymmaty, jemgyýetçilik iýmitiniň dolanyşygy bölek satuw söwdasyna goşulmaýar. Bölek satuw söwdasyna dolanyşygy bölek satuw söwda nyrhlarynda – söwda nyrhynyň artdyrmasyny we goşulan baha üçin salgydy öz içine alýan hakyky satuw nyrhlarynda getirilýär.

Internet söwdasy – bu elektron söwdanyň bir görnüşi bolup, onda satyn alyjylary haryt we satuw şertleri bilen tanyşdyrmak, şeýle hem harydy satmak maksady barada satyn alyja habar bermek Internet tory arkaly bolup geçýär.

Internet dükan – bu söwda kärhanasynyň/söwda guramasynyň Internet tory arkaly satyja satyn almak amala aşyrylanda zerur bolan maglumatlary, şol sanda harytlaryň görnüşleri, bahalary, satyjy, tölegiň we eltip bermegiň usullary we şertleri baradaky maglumatlary bermek üçin, Internet tory arkaly satyn alyjylardan haryt satyn almak maksady barada habarlary almak üçin, şeýle hem satyjy ýa-da potratçy tarapyndan harydy satyn alyjy tarapyndan görkezilen salga ýa-da onuň özüniň alyp gitmeli nokadyna eltip bermek mümkinçiligini üpjün etmek üçin niýetlenen bölegidir ýa-da söwda guramasydyr.

**07-nji setirde "Iýmit kärhanalarynyň bölek satuw haryt dolanyşygy"** ilata satylan öz aşpezleri tarapyndan öndürilen önümlerinden we aşpezligi geçmedik satyn alnan harytlaryndan gelen girdeji, esasan, ýerlerde, şeýlelikde (şol sanda «Internet» maglumat-kommunikasiýa torunyň kömegi bilen satuwlardan) edaralara we hususy telekeçilere ilatyň dürli gatlaklaryň iýmitini gurnamak üçin görkezilýär.

Iýmit taýýarlaýan kärhanalarynyň dolanyşygy bu işiň esasy ykdysady iş hökmünde bolan edaralarda hem-de beýleki görnüşleriniň edaralary üçin, ýagny esasan ýerlerde öz iýmit taýýarlaýan kärhanalarynyň üsti bilen satylan bişirilen önümleri we satyn alnan harytlary baradaky maglumatlary öz içine alýar. Iýmit taýýarlaýan kärhanalarynyň dolanyşygy iýmit önümleriniň nyrhynyň artdyrmasyny, goşulan baha salgydy we degişli hökmany tölegleri öz içine alýan hakyky satuw nyrhlarynda görkezilýär.

**12-nji setirde "Bölek satuw söwdasynyň ulgamynda, ammarlarda we iýmit kärhanalarynda aýyň ahyryna galan harytlar"** - aýyň ahyryna galan harytlar müň manatda görkezilýär.

**13-nji setirde "Lomaý satuw haryt dolanyşygy (ownuk lomaý satuw söwdasy bilen)" -** degişli ugurda peýdalanmak üçin (gaýtadan işlemek we soňra satmak) (şol sanda «Internet» maglumat-kommunikasiýa torunyň kömegi bilen satuwlardan) ýuridiki taraplara we hususy telekeçilere alyp-satmak maksatlary bilen öň başga ýerden alnan, goýberilen harytlaryň gymmaty görkezilýär.

Lomaý satuw söwda dolanyşygy söwda nyrhynyň artdyrmasyny, goşulan baha üçin salgydy, aksizi, eksport pajyny, gümrük ýygymlaryny we şoňa meňzeş hökmany tölegleri öz içine alýan hakyky satuw nyrhlarynda berilýär. Komissionerleriň (wekilleriň, agentleriň) sylag tölegleriniň möçberi GBS-ny goşmak bilen hakyky gymmaty boýunça görkezilýär.

Bölek satuw we lomaý satuw haryt dolanyşygynyň umumy möçberi ýerleşdirmegiň aşakdaky ugurlary boýunça emele gelýär:

- döwlet we alyjylar birleşmeleriniň kärhanalarynyň söwdasy;

## 2-nji bölüm. Söwda ulgamynyň ammarlaryndaky we sowadyjy saklawhanalarynda saklanylýan azyk harytlar

Bu bölümde hasabat aýynda söwda ulgamynda azyk harytlarynyň galyndylarynyň görnüşleri we hereketi tonnada görkezilýär.

01-nji setirde ähli azyk harytlarynyň hereketi görkezilýär.

1-nji sütünde hasabat aýynyň başyna galan galyndylary görkezilýär.

2-nji sütünde hasabat aýynda azyk harytlarynyň getirilen möçberi.

3-nji sütünde söwda ulgamynyň hasabat aýynda ýerleneniň möçberi görkezilýär.

4-nji sütünde hasabat aýynyň ahyryna galan azyk harytlarynyň galyndylary görkezilýär.

02-nji setirde sowadyjy saklawhanalarynda saklanýan (sowadyjy kameralarda) azyk harytlarynyň hereketiniň möçberi görkezilýär

03- 20-nji setirlerde azyk harytlaryň hereketiniň görnüşleri görkezilýär

## 3-nji bölüm. Bölek satuw haryt dolanyşygynyň bölünişi

01-nji setirde iýmit kärhanalarynyň haryt dolanyşygyny goşmak bilen, bölekleýin haryt dolanyşygynyň möçberi görkezilýär. Hasabatyň 01-nji setiri 1-nji bölüm **Umumy haryt dolanyşygy** formasynyň 10-njy setiri bilen gabat gelmelidir.

02-nji setirde «harytlary ýerlemekden alnan girdejiden banka tabşyrylan pul serişdesi» - kärhanalaryň öz kassalaryna bölekleýin söwdadan gelip gowşan we banka tabşyrylan nagt pullaryň jemi görkezilýär. Kärhananyň harajatlary üçin nagt pul serişdesiniň belli bir möçberini ulanmaklyk Merkezi bank bilen baglaşylan şertnamasy bolan kärhanalara diňe şertnamada görkezilen möçberde rugsat berilýär.

03-nji setirde kärhananyň kassasyndan, ýagny, banka tabşyrylman, işgärleriň zähmet hakyny tölemäge goýberilen pul serişdesi görkezilýär. Kärhananyň bankdaky hasaplaşyk hasabyndan alnyp zähmet hakyny tölemäge harçlanan pul seridesi bu setirde görkezilmeýär.

04-nji setirde kärhananyň kassalaryna bölekleýin söwdadan gelip gowşan we banka tabşyrylman kärhananyň ownuk harajatlary üçin peýdalanylan pul serişdesiniň jemi görkezilýär. Meselem, tagamlary taýýarlamak üçin gerek bolan çig mal ýa-da ýüzleý abatlaýyş işleri üçin gerek bolan zatlary satyn almak.

05-nji setirde komitentlere tölenen (kommission söwda etmäge rugsat berýän resminamasy bar bolsa) kommission söwdanyň göterimi we nagt pula satyn alnan oba hojalyk önümleri üçin tölegler görkezilýär.

06-njy setirde 05-nji setirden, oba hojalyk önümlerini satyn almak üçin harçlanan nagt pul aýratyn görkezilýär.

07-nji setirde nagt däl pula haryt dolanyşygy görkezilýär.

**Söwdanyň, ulagyň we aragatnaşygyň statistikasy müdirligi**